## Goja adam

Bir bar eken, bir ýok eken.

Gadym eýýämde bir goja bar eken.

Ol örän dana adam eken.

Özem örän myhmansöýer eken.

Ony bütin il sylar eken.

Hatda ýurduň patyşasy-da

toý-meýlisini şonsuz

geçirmez eken.

Bir günden bir gün goja

agşamara işigindäki şa tuduň

kölegesinde çaý içip oturan eken.

Şol mahal bir ýaş ýigit salam berip,

munuň ýanyna gelen.

Olam munuň salamyny alyp,

saglyk-amanlyk soraşansoň, düşek

üstüne geçmäge hödür eden.

Ýaş ýigit düşek üstüne geçensoň,

bular ondan-mundan gürrüň edişip oturan

ekenler.

Edil şol wagt patyşanyň bir nökeri

gelip: - Ýaşuly, sizi patyşa çagyrýar -

diýen.

Akyldar hem: - baraýardym welin,

myhmanym bar - diýip jogap beren.

Nöker dolanyp gelýär-de: -

Patyşahym, oň-a myhmany bar eken.

Ony taşlap gaýdybilmejek ýaly -

diýýär.

Haý, paňkelle diýsänim.

Ýogsa ol myhmanyny goýup

gaýdarmy?

Beýtse, oňa kim dana goja diýer?!

Bar, aýt: goý, myhmanyny hem

özi bilen alyp gaýtsyn.

Basym git-de, tiz gel.

Onsuz men meýlisi başlaman - diýip,

patyşa ýene nökeri gojanyň üstüne iberenmiş.

Nöker gelip: - Ýaşuly, patyşa:

«Myhmanyňam alyp, tiz gelsin» diýdi.

Siz barmasaňyz ol meýlisi başlamakçy däl -

diýipdir.

- Beýle bolsa, häzir baraýarys.

Sen gidiber!

- diýip, goja nökeri ýola salypdyr-da, myhman

ýigide ýüzlenipdir: - Ýagşy ýigit bizi şa

meýlisine çagyrýan bora çemeli.

Özüň bilýäň, şa oturyşmasydyr.

Tutumy örän uludyr.

Özüňi edepli-tertipli alyp barmasaň,

soň puşeýmana galaýmagyň gaty ähtimaldyr.

Şoň üçinem men saňa üç sany maslahat

bereýin welin, sen şolary berk belle-de,

şolara görä bol - diýip, goja ýol şaýyny

tutup durşuna sözüni dowam etdiripdir:

-Ilki bilen-ä, meýlishana baryp oturan mahalyňda,

özüňe laýyk ýeri saýlap oturgyn-da,

soň ýeriňden süýşmeli bolaýmagyn.

Ikinjiden bolsa, söhbet her neneň gyzyşsa-da,

özüňe sala salynmasa, binobat

geplemegin!

Üçünjiden, göni özüňden soralaýmasa,

märekede hiç hili ýarag, hatda ýan pyçagyňy hem

çykarmagyn!

- diýipdir.

Ýigit hem: «Bolýar, arkaýyn bolaýyň, ýaşuly!»

diýipdir.

Şeýdip, bular patyşanyňka myhmançylyga

gaýdypdyrlar.

Gelipdirler welin, gojany-da, onuň

myhmanyny hem gadyrly garşylap, derrew meýlishana alyp

barypdyrlar.

Ikisini-de töre geçmäge

ündäpdirler.

Ýigit kän_bir ikirjiňlenip durmandyr-da,

gös-göni töre geçip ötägidipdir.

Goja welin, oýlap-çenäp, bärräkde özüne

laýyk hasaplan ýerinde oturypdyr.

Muny görüp, ýaňky ýigit alňasanyny indi

aňlapdyr-da, ýerini üýtgetjek

bolup, bir gobsunypdyram.

Emma eýýäm giç bolupdyr.

Patyşanyň wezir-wekilleri, gaznaçydyr möhürdary

tirkeşip, gelip ugrapdyrlar.

Hany, onsoň, oturyp bilseň, otur-da törde!

Ýigit olara ýer bermek üçin süýşüp-süýşüp,

ahyr baryp, «köwüş bazaryna» ýeteninem

duýman galypdyr diýýär!

Şu taýda ýalňyşanyny özem-ä

bildi welin, dana goja hem ýöne başyny

ýaýkap otyrmyş-da!

Aý, garaz, geljek gelip oturylyşyk

başlanypdyr.

Şa meýlisi-dä: saçakda näme diýseň bar

diýýär: kebap diýermiň, palaw diýjekmi sen, almamy,

narmy, hurmamy - sanasaň, sogaby bar

diýýä-dä!

Şerabyňam

dürli-dümeni gyzyl-ýaýyrt bolup duranmyş.

Iýlip-içilip başlanypdyr, kem-kemden

gürrüňçiligem gyzyşyp ugrapdyr.

Şol mahal goja emaý bilen öz

myhmanynyň oturan tarapyna

gözüni aýlap goýberipdir.

Görse, eýýäm onuň kellesi göçüpdir.

Nobatsyz geplemejek kişi tabakdaşlaryna gezegem

bermän, «onda - ol, munda - bu» diýip,

ýetişibildiginden gürrüň edýärmiş.

Goja-da, nätsin-dä, bilmedik bolup,

başyny aşak salyp oturyberipdir.

Onýança-da patyşanyň baş weziri

almamy-narmy bir zat kesmekçi bolup, pyçak

agtarýar.

Tapmansoň: «Be, pyçak ýokmu(dy)ka?!»

diýip, hyzmatkärlere ýüzlenýär.

Onuň bu sözleri hälki myhman ýigidiň gulagyna

kaklyşýar.

Ol bada-bat: «Garaşyp oturmaň-da, şunuň bilen

kesäýiň!»

diýip, özüniň jöwher pyçagyny baş

wezire tarap oklap goýberýär.

Goja oňa tarap gözüni alardyp seredipdir

welin, nä, eýýäm giç bolupdyr-da!

Wezir ýaňky pyçagy alyp, oňa bir sellem syn

edip oturypdyr.

Diýseň, gaty gowy pyçak bolara çemeli.

Ana, onsoň nebsine ejiz wezir ýigidiň

alasamsyklygyndan peýdalanmakçy bolup: Eý,

patyşahy-älem, bu pyçaga bir syn etseňiz-le.

Şo-ol şalyk hazynasyndan ogurlanan jöwheriň

hakyt özi-dä!

Ogry aýagy bilenjik üstüme geläýen eken.

Häziriň özünde munuň temmisini

bermek zerur - diýipdir.

Muny eşiden şa-da baş weziriň gepine güp

ynanyp: «Jellat!»

diýip, gazaba münüp barýar diýýär asyl!

Ýagdaýyň ýaramazlaşýandygyny aňan

akyldar mundan artyk saklansa, bolmajagyny

bilip: Eý, patyşahym, meniň weziriňize şekim

ýok.

Belkem, ras aýdýandyr: ol - ogurlyk jöwherdir.

Ýöne dünýäde juda meňzeş zatlaryň gyt

bolmaýandygynam unutmaň.

Büý-ä, bir.

Ikinjidenem, bu ýigit şu mahal meniň

myhmanym.

Şoňa görä-de, men ugradýançam,

siz oňa azar bermeli dälsiňiz.

Ertir ýola salaryn welin, onsoň, pyçagyň

ogurlykdygyny subut edip, ýigidiň günäsini

boýnuna goýup, näme jeza berseňizem

gelişmän durmaz diýipdir.

Patyşa-da, baş wezirem dana goja garşylyk

görkezip bilmändirler.

Biri-biriniň ýüzüne seredişip

oturyberipdirler.

Soňra patyşa: Bolýar, goý, seň diýeniň bolsun.

Bizem hem seň hatyraňy, hem myhman hormatyny

saklaly.

Ýöne bir şert bilen: sen myhmana ýagdaýdan çykalga

salgy bermeli däl.

Şoň üçinem şu gije siziň öýňüzi

ýasawullara saklatjak.

Eşitdim-eşitmedim diýme, eger myhmanyňa

bir zatlar öwredäýseň, ertir ikiňiziňem

başyňyz ölümli, malyňyz talaňly bolar -

diýipdir.

Akyldar razylaşypdyr.

Oturyşmadan soň ol tirkeşip, myhmany bilen öýüne

gaýdypdyr.

Patyşa bularyň ýanyna iki ýasawuly hem goşup

goýberipdir.

Bularyň ählisi-de ýolda dymyşyp

gelýärler diýýär.

Ýöne ýigidiň welin, saly suw üstünde eken.

Ol öz içinden: «Haý, oňarmadym-ow.

Akyldaryň aýdanlaryny tutanymda-ha,

bu zatlaryň hiç biri hem bolmaly däl.

Indi welin, ardurja ölmeli boldum-da.

Ata-babalarymyzyň: "Bela nämeden

geler, - iki barmak dilden geler" diýeni

boldy-da meňkem» diýip, etmişine şunça

ökünýärem welin, peýdasy ýok-da indi.

Şo barmana bular akyldaryň öýüne ýetip

gelipdirler.

Ýaşuly ýasawullara garap: Ynha, ýigitler, indi

niräni çemil görseňiz, özüňiz üçin

garawulçylyk çeker ýaly ýer saýlaberiň.

Meň-ä myhmanyma öwretjek zadym ýok.

Asla onuň bilen bir ýerde-de ýatjak däl.

Özüm-ä içerde ýatjak, muňa bolsa, daş

işikdäki sekiniň üstünden ýer salyp

berjek.

Hawa-da, "Eli bilen eden, egni bilen çeker"

diýipdirler.

Büýem ertir öz nejadyny özi

görer-dä - diýip, özi içerde

ýatarman bolupdyr, myhman ýigide bolsa

daşardan düşek salyp beripdir.

Ýasawullar gijäniň bir wagtyna çenli gojanyň

gapysynda iki ýana gezmeläp ýörüpdirler.

Emma bularyň hiç birindenem ses

çykmandyr.

Onsoň bular hem bir ynjalyklyrak ýer

saýlap, arkaýyn gyşarypdyrlar.

Ümsüm ýatsalaram, ýaşuly bilen ýaş

ýigidiň gözlerine uky

gelmeýärmiş.

goja - ha myhmanyna nähilidir bir

ýol bilen kömek etmegiň pikirini

edýärmiş, ýigidem, näme, ertir

öldüriljek adam, onsoň uky

ýadyna düşermi?!

Gije bolsa ýarymdan agyp

bapýarmyş.

Ana, şo barmana häki

garawullaranyň horruldysy eşidilip,

ugrapdyr.

Muny eşiden dana goja amatly

pursatyň

döränini bilip, myhmanyna akyl bermegi ýüregine düwüpdir.

Ýöne, ätiýajy elden bermezlik üçin,

ol gös - göni ýigidiň özüne

ýüzlenmändir.

Garawullar birdenkä

oýanaýanda hem göwünlerine

zat gelmez ýaly sözleşýän

kişi bolup, assa - ýuwaş

gepläp ugrapdyr.

- Eý pişijegim, sen ýaman güne

sataşdyn.

Berlen akyly tutup bilmediň-dä!

Ýöne, indi beri ahmal bolma.

Meniň

aýdýanlarymy sypdyrman diňle-de, ertir şo diýşim ýaly, et!

- diýip, goja adaja üsgürinjiräp

ýigidi habardar edipdir.

Ýigit hem onuň

sözlerini eşidýänini bildirmek üçin, çalaja ardynjyrapdyr.

Myhmanynyň özüni

eşidýändigini bilen goja

sözüni dowam edipdir: -Eý,

pişijegim, ertir seni dar

astyna alyp bararlar welin,

patyşa garap, ine, şeýle

diýiginiň:

"Meniň atam uly söwdagärdi: Günleriň birinde ol uly kerwen gurap, söwda gitdi.

Ýüki hem gymmatbaha zatlardy: mawut keteni, atlaz-sowsany ýaly matalar diýermiň, altyn-kümüş, lagly-jowahyr ýaly ajap zatlar diýermiň, garaz, onda zat kändi.

Ýöne atamyň şo gidişi-gidişi boldy.

Her ýerlere sorag saldyk, gördüm-bildim bolmady.

Onçoň men at-ýaragymy ykjamlap, onuň gözlegine çykdym.

Oba-oba aýlanyp, derek tapmadym.

Ahyrsoňy bir çölbeewanlyga ýetip, geldim.

Şol çöli çöküp gelýärkäm bir ýerde atamyň serlip ýatan jesediniň üstünden baraýdym.

Görsem, garakçylar onuň üstüne dökülip, mal-zatlaryny talap alypdyrlar.

Özüni bolsa, öldüripdirler.

Siziň baş weziriňiziň maňa ogurlyk ýapýan jöwher pyçatam atamyň jesediniň üstunde ýatan eken.

Gandarlar aljyraňňylykda galdyryp gidendirler-dä, elbetde!

- diýip, akyllar ýene çözüni dowam edipdir:

-Eý, pişijegim, şu zatlary aýdanyňdan çoň, uludan demiňi alyp, juda armanly adam ýaly bolgun-da, ýene şeýle diýgin -Eý, patyşahym, şondan soň, dagy alaç tapman, atamy şo ýerde jaýladym.

Öýe gelip, bolan ýagdaýy aýtdym.

Enemiň göz ýaşy sil bolup akdy.

Men muňa çydaman, gandarymdyň gözlegine çykdym.

Häki jöwher pyçagy hem tämizledim-de, guşagyma gysdyrdym.

Iki adamyň başy çatylan ýerde-de aňružy bahana tapsam, ony orta oklaýardyn.

Eýesimi dälmi - maňa parhy ýok, şu jöwheri tanan adamy tapsam bolýar diýip, şeýdýärin.

Onyň meň gandyrymdygy ikuçsyz ahyry!

Şeýdip, ýörşüme, nesibem dartyp, siziň oturyşmaňyza-da gatnaşdym, pyçagy hem bilgeşleýin çykardym.

Siziň baş weziriňizem ony tanady, hazynaňyzdan ogurlanan jöwher diýdi.

Şeýle bolsa, şahym, ol wezir, hem-ä meň gandyrym, hemem, siziň hazyna ogryňyz bolup çykýar.

Ine, indi kime jeza bermelidigini özüňiz oýlap-çenläberiň.

Eger goja şu güne çenli puryja almadyk bolsa, men şu ýagdaýy agşam düşündirjekdim.

Gojanyň sözüni ýykmanyňyz üçin menem "ýarym güne ýaryş ýok" diýlenine eýerip, häzir aýtmagy makul bildim, patyşahym!"

diýgin - diýip, akyldar arkaýyn uka gidipdir.

Dana gojanyň bu pendi-nesihatyny diňlän ýigidiňem göwrümi giňäpdir.

Ol hem sähel salymdan uklap ralypdyr.

Ertesi daň saz beren badyna ýasawullar hasanaklaşyp, ýerinden turupdyrlar.

Ýene-de aýlaň-çaýlaň edip, goja bilen ýigidiň arasynda gep-gürrüň barmyka ýa ýok diýşip, olara tarap diň salypdyrlar.

Görseler, hersi öz ýerinde uklaşyp ýatyrlar.

Onýança Gün, dogup, jahan ýagtylypdyr.

Akyldar bilen myhmanam turupdyr.

Goja ony ýola salypdyr.

Şol mahalam ýasawullar, patyşaniň permanyna görä, onuň yzyndan ýetip, elini daňyp, köşge alyp gaýdypdyrlar.

Getiripdirler patyşanyň gaşyna.

Patyşa myhman bilen öý eýesiniň arasynda nähili gürrüň bolanyny sorapdyr.

Ýasawullar: "Hiç hili gep bolmady, tagsyr!"

diýipdirler.

Patyşa ýigidi dar meýdanyna alyp barmaga hököm edipdir.

Ony idirdikledip ugrapdyrlar.

Dar meýdanyna märeke bary üýşüpdir, patyşa hem öz wezir-wekillerini yzyna tirkäp gelipdir.

Baş weziriň elinde bolsa, häki göwher pyçak diýýär.

Ine, onsoň patyşa ýigidiň şol pyçagy hazynadan ogurlandygy uçin, dardan asylmalydygyny aýdyp, jellatlara perman beripdir.

Şo bada oglany dar agajyna tarap südenekledip ugrapdyrlar.

Ýigit zordan: -Eý, patyşahym, siz adylmysyňyz?

- diýip, ýetişipdir.

Patyşa ýigidi süýräp ugranlara: "Aýak çekiň!"

diýen yşarat edip, oglana garap: -Ýeri, bu näme diýdigiň boldy?

- diýipdir.

Myhman ýigit hem: -Eger siz adyl bolsaňyz, alňasamaň-da, bir az maňa gulak goýuň -

diýip özüne dana gojanyň öwreden zatlaryny birin-birin aýdyp beripdir.

Özem şeýle bir ynamly, pert-pert gürläpdir welin, onyň sözlerini bütin märeke-de, "soňy nähili bolarka?"

diýip, il içinde duran akyllar hem eşidipldir.

Turupdyr bir galmagal.

Ähli halk: "Haý, patyşam, ogryň-a öz içinde eken.

Baş weziriň günäsi ýeke-de däl, iki eken.

Ol hem gandar, hem hazyna ogrusy eken.

Daňdan şony asmaly!"

diýşip gygyryşyberipdir.

Oglanyň sözleriniň ynandyryjylygy il-günüň talabynyň adyllygy patyşany hem özüne boýun edipdir.

Ol märeke tarap goluny salgap, "Ümsüm boluň" diýen yşaraty edipdir-de yzy bilenem: "Jellat!"

diýip jynssyz gygyrypdyr.

- Lepbeý, tagsyr!

- diýip gelen jellada baş weziri görkezip:  - Dardan muny asyň!

- diýip perman beripdir.

Ogry hem kezzap weziri derrew dardan asypdyrlar.

Ýigidi bolsa: "Bar, ýoluň ak bolsun!"

diýip, hoşamaýlyk bilen ugradyp goýberipdirler.

Märeke zannyýaman wezirden dynanyna begense, dan goja onyň üstesine bu gezegem nähak ölümiň öňüni alyp, ýene bir adalatsyzlygy dep edip bilenine şatlanypdyr.

Ýigidem bolup geçen wakalardan özüne ömürlik sapak alyp, goja parasatyna minnetdar bolup, gidip oturypdyr.

Patyşa bolsa, şol dana gojany özüne baş wezir edinýändigini il-güne jar edipdir.